Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar
№ 51 (134) 2025-nji ýylyň 30-njy iýuny



Syýasy habarlar

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**20-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

***

**21-nji maýda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Gahrymany, tälimçi-kosmonawt-synagçy, Kosmonawtlary taýýarlamak merkeziniň başlygynyň orunbasary — «Ý.A.Gagarin adyndaky Kosmonawtlary taýýarlamak boýunça ylmy-barlag synag merkezi» federal döwlet býujet edarasynyň kosmonawtlar toparynyň serkerdesi Oleg Kononenko doglan güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**22-nji iýunda** amerikan tarapynyň başlangyjy bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow bilen ABŞ-nyň Döwlet sekretarynyň birinji orunbasary Kristofer Landaunyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik geçirildi. Onuň barşynda taraplar Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasynda syýasy, söwda-ykdysady, durmuş-medeni we beýleki ugurlarda alnyp barylýan hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň uzakmöhletleýin oňyn tejribesini aýratyn bellediler.

***

**22-nji iýunda** geçirilen ÝHG-nyň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň 51-nji mejlisiniň çäklerinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen «ÝHG-nyň giňişliginde we bütin dünýäde halkara parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmekde we berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny hakynda» Kararnama biragyzdan kabul edildi.

***

**23-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Aziýanyň ösüş bankynyň Günorta, Merkezi we Günbatar Aziýa boýunça wise-prezidenti Ýan Inmini kabul etdi.

***

**24-nji iýunda** Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredowyň ABŞ-nyň Döwlet sekretary Mark Rubio bilen telefon arkaly söhbetdeşligi boldy. Söhbetdeşligiň dowamynda taraplar giň gerimli ugurlar boýunça pikir alyşdylar.

***

**25-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Sloweniýa Respublikasynyň Prezidenti hanym Nataşa Pirs-Musara we ýurduň ähli halkyna Sloweniýa Respublikasynyň milli baýramy — Döwlet güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**27-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen «ITOCHU Corporation» kompaniýasynyň direktorlar geňeşiniň agzasy, ýerine ýetiriji wise-prezidenti, maşyngurluşyk kompaniýasynyň prezidenti, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça ýapon-türkmen komitetiniň başlygy Hiroýuki Subaýy kabul etdi.

***

**27-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen «Kawasaki Heavy Industries, Ltd.» kompaniýasynyň ýerine ýetiriji direktory Kendzi Sanadany kabul etdi.

«Ýaş diplomatyň sesi».

## TÄZELIKLER
## НОВОСТИ
## NEWS



### YLMY – AMALY MASLAHAT GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 23-nji iýunynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli «Magtymguly Pyragynyň şygryýet dünýäsi – medeni-ynsanperwer ulgamynda halkara hyzmatdaşlygynyň ösüşi» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi. Maslahata institutyň professor-mugallymlary we talyp ýaşlary, şeýle-de Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň işgärleri gatnaşdylar.

Ylmy-amaly maslahatda bitaraplyk, parahatçylyk, ynanyşmak ýörelgeleri we milli medeniýet, türkmen-hytaý medeni gatnaşyklarynda Magtymguly Pyragynyň orny, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda medeni diplomatiýanyň ähmiýeti, Magtymguly Pyragynyň goşgularynda dünýewilik we diplomatiýa barada çykyşlar diňlenildi.

Umumy mejlisden soň ylmy-amaly maslahat «Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň dünýä möçberindäki ähmiýeti», «Medeniýet – jemgyýetiň ruhy durmuşynyň ýörelgesi», «Türkmenistanyň medeni – ynsanperwer gatnaşyklaryny ösdürmekde ykdysady diplomatiýanyň tutýan orny», «Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy – türkmen halkynyň milli ruhynyň egsilmez çeşmesi» atly bölümçelerde öz işini dowam etdi.

### A WEBINAR WAS HELD

On June 23, 2025, a webinar was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, which highlighted the role of youth in ongoing efforts related to commemorate the 30th anniversary of permanent Neutrality of Turkmenistan, as well as the declaration of 2025 by the UN General Assembly as the «Year of International Peace Trust.»

The students of the Institute, as well as students and teachers attended the webinar from various higher educational institutions and secondary vocational schools of Turkmenistan, connecting through a digital system.

During the webinar, Rahim Byashimov, Senior Lecturer at the Department of International Economic Relations of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, delivered a speech titled «International Cooperation of the World Trade Organization.»

The speech of R.Byashimov delved into the specifics of economic reforms in Turkmenistan, which are guided by recognized norms of international law. He also discussed trends in the development of the world economy, Turkmenistan's significant role in this area, the rapid adoption of digital technologies, and ongoing efforts to modernize the country's economic sectors based on market relations.

### СОСТОЯЛСЯ УЧЕБНО-МЕТОДИЧЕСКИЙ СЕМИНАР

25 июня 2025 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана по цифровой системе состоялся учебно-методический семинар по темам «Системы персональной аутентификации для научных работников» и «Методы эффективного использования университетских и институциональных репозиториев», в котором приняли участие профессора и преподаватели высших учебных заведений нашей страны, в том числе, Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.

В ходе семинара были сделаны интересные доклады о новых научных теориях, результатах передовых научных исследований и методах освоения современных технологий.

Информация, представленная на семинаре, помогла слушателям в пополнении своих теоретических знаний и развитии научных навыков в использовании современных научных методов.

«Ýaş diplomatyň sesi».

# «Каждый визит — как встреча со старыми друзьями»: ВДОХНОВЛЯЮЩИЙ ДИАЛОГ С СЕРГЕЕМ ЛАВРОВЫМ

Есть события, которые не просто проходят — они остаются в памяти, оставляют след, вдохновляют. Именно таким стал официальный визит министра иностранных дел Российской Федерации Сергея Викторовича Лаврова в Туркменистан 24–25 июня.

Официальная часть визита была насыщенной: переговоры, подписание Программы сотрудничества между внешнеполитическими ведомствами на 2025–2026 годы, обсуждение перспектив двусторонних отношений. Но для нас, студентов Института международных отношений МИД Туркменистана, самым запоминающимся моментом стала встреча в гостиничном комплексе «Ýyldyz». Там, в зале, полном уже действующих и будущих дипломатов, звучали слова, которые мы запомним надолго.

«Каждый раз, когда я приезжаю в Туркменистан, я чувствую, что нахожусь среди своих друзей»— так начал своё выступление



Сергей Викторович. Эти слова сразу разрушили границу между официальностью и искренностью. И в этот момент стало ясно: дипломатия — это не только про документы, переговоры и протоколы. Это — про людей, про отношения, про доверие.



Мы слушали его, затаив дыхание. Перед нами стоял человек, который десятилетиями представляет свою страну на мировой арене, принимает участие в решении глобальных вопросов — и при этом говорит с нами просто, открыто, по-человечески. В его словах чувствуется как огромный опыт, так и уважение к молодёжи, вера в наше поколение.

Такие встречи не просто полезны. Они необходимы. Они наполняют смыслом то, чему мы учимся каждый день. Они дают ощущение причастности к большому миру, к истории, которая пишется прямо сейчас.

В заключение, хочу ещё раз подчеркнуть, что для нас этот визит стал ярким воспоминанием: за каждым дипломатическим жестом стоят идеи, ценности, живое общение. И это то, чему мы хотим учиться. Мы, будущие дипломаты, видим в таких встречах возможность развиваться, стремиться, ставить перед собой амбициозные цели. Ведь именно в таких моментах рождается уверенность: наше время — впереди, и мы к нему готовы!

**Оразджемал ЧАРЫЯРОВА,**
студентка II курса факультета
международной журналистики.

# Medeniýet hepdeligi — 2025

Hemmämize mälim bolşy ýaly, şu ýylymyzda Medeniýet hepdeligi gadymyýetde beýik döwletleri dünýä taryhyna peşgeş beren Ahal topragynda geçirildi. Welaýatyň dürli ýerlerinde aýdym-sazly çykyşlar, konsertler, döredijilik duşuşyklary, sahna oýunlary we žurnalistleriň gatnaşmagynda dürli hili çäreler giňden ýaýbaňlandyryldy. Tutuş ýurdumyz boýunça geçirilýän şeýle uly göwrümli çäreler eziz Diýarymyzda medeni diplomatiýanyň rowaçlanýandygyny alamatlandyryp, bu ugurda täze işleri durmuşa geçirmäge ruhlandyrýar.

Giň gerime eýe bolan döredijilik forumyny her ýylda geçirmek indi asylly däbe öwrüldi. Ol «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlen şygar astynda geçýän üstümizdäki ýylyň hem möhüm wakalary bilen utgaşdy. Medeniýet hepdeliginiň ähli günleri, her bir wakasy halkymyzyň ägirt uly medeni-döredijilik mümkinçiliklerine eýedigini, milli medeniýetimiziň okgunly ösdürilýändigini, ulgamyň işgärleriniň hünär taýdan kämilleşýändigini alamatlandyrýan çärelere baý boldy. Sungat baýramçylygynyň çäreleri özüne çekijiligi we mazmun taýdan baýlygy bilen tapawutlanyp, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen we häzirki wagtda peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň abadançylygynyň, Watanymyzyň rowaçlygynyň bähbidine alnyp barylýan ägirt uly işleriň netijesini aýdyňlygy bilen görkezdi. Medeni çärä meşhur aýdymçylar, folklor-etnografiýa we tans toparlary bilen birlikde, sungat ýoluna täze gadam basan aýdymçy-sazandalar, režissýorlar, suratkeşler, ýazyjy-şahyrlar gatnaşyp, onda işjeňlik görkezdiler. Halypalaryň tejribesi we ussatlygy ýaşlaryň ruhy joşguny bilen utgaşyp, iri baýramçylyk çärelerini ýatdan çykmajak pursatlar bilen baýlaşdyrdy. Medeniýet hepdeliginiň dowamynda şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň, muzeý gymmatlyklarynyň, neşir önümleriniň sergileri, opera we teatr sahna oýunlarynyň, täze filmleriň görkezilişleri guralyp, ol hepdelige gatnaşyjylara ýakymly ýatlamalary bagyşlady. Edebiýat, halk döredijiliginiň muşdaklary edebi hem-de aýdym-saz agşamlaryna, ýurdumyzyň medeniýet, sungat işgärleriniň konsertlerine gatnaşdylar. Sungat ussatlary, maşgala aýdym-saz, çagalar döredijilik toparlary hem baýramçylyk sowgatlaryny taýýarladylar.

Ine, 2025-nji ýylyň 27-nji iýunynda «Nowruz ýaýlasyndaky» «Türkmeniň ak öýi» binasynda Medeniýet hepdeliginiň ýapylyş dabarasy şatlykdyr şowhunly aýdym-sazlar bilen geçirildi. Indi 13-nji gezek guralan hepdeligiň dowamynda bolup geçen çärelerde işjeňlik görkezen medeniýet we sungat ussatlary hem hepdeligiň ýapylyş dabarasyna jemlenip, Watanymyzy, eziz Diýarymyzy wasp edýän aýdymlara seslerini goşdular. Bir hepdeläp dowam eden bu sungat toýunyň jemleýji dabarasyna türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebi bolan Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplary hem gatnaşdylar. Galyberse-de, ýurdumyzyň beýleki ýokary okuw mekdeplerinden hem mugallymlardyr talyplaryň bu dabara gatnaşandygyny bellemek gerek. Türkmen halkynyň milliligini alamatlandyrýan bu ajaýyp binanyň sahnasynda ýerine ýetirilen çykyşlar myhmanlarda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilen Medeniýet hepdeligi bilen bagly ýakymly ýatlamalary galdyrdy. Dabaranyň ahyrynda oňa gatnaşyjylaryň adyndan hormatly Prezidentimize Ýüzlenme kabul edildi. Soňra bolsa myhmanlar bu çäräni ýokary derejede guramaga döredilen mümkinçilik üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş sözlerini aýtdylar.



**Baýnazar BAÝHANOW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
III ýyl talyby.

По итогам брифинга, состоявшегося в МИД Туркменистана 29 июня, был отмечен тот факт, что наша страна организовала гуманитарный коридор для эвакуации людей, оказавшихся в сложной ситуации в регионе Ближнего Востока, через который в свои страны смогли вернуться 4678 человек – граждане 52 государств.

# GELJEKKI ÝAŞ DIPLOMATLARA KÄBIR MASLAHATLAR

**Tebigat maňa amaly diplomatiýada, şeýle hem diplomatiýanyň ylmynda we onuň pedagogikasynda ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň weterany hökmünde 60-a golaý ýylyň dowamynda uzak ýoly geçmegi miýesser etdi. Soňky on alty ýylyň dowamynda Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň döredilen wagtyndan — 2008-nji ýylyň 20-nji martyndan 2014-nji ýylyň aýagyna çenli institutyň «Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa», şeýle hem «Halkara hukugy» kafedralaryna ýolbaşçylyk etdim, şondan häzirki wagta çenli bolsa «Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa» kafedrasyna ýolbaşçylyk edýärin. Başgaça aýtsam, geljekki türkmen diplomatlaryna ömrümboýy toplan gymmatly tejribämi häzirem dolulygyna eçilip, geçirip gelýärin. Şu jähetden, geljekki ýaş türkmen diplomatlarynyň, şeýle hem halkaraçy hünärmenleriň garamagyna özümiň käbir maslahatlarymy hödürlemegim hem peýdaly bolarmyka diýip pikir edýärin.**

***

Ozaly bilen, men diplomatyň kärini saýlap almakçy bolýan ýaşlaryň ünsini olaryň şu hünäri hakykatdan hem söýüp saýlap almaklarynyň möhümdigine, şeýle hem adamlaryň diplomat bolup dogulmaýandyklaryna, olaryň örän agyr akyl zähmetiň netijesinde kemala gelýändiklerine, munuň üçin beden sagdynlygynyň hem örän wajyplygyna gowy düşünmeklerine çekesim gelýär.

Hakyky diplomat bolmak geljekki diplomatlardan köp zatlary bilmegi we başarmagy talap edýär. Diplomatlaryň özleşdirmeli we edinmeli zatlary olara bildirilýän anyk talaplarda öz beýanyny tapýar. Şol talaplaryň görnüşleri onlarçadyr. Watanymyzyň häzirki döwürde öz diplomatlaryna bildirýän esasy ýokary talaplary bolsa, hususan-da, şulardan ybaratdyr: diplomatlaryň ýeterlik syýasy we umumy dünýägaraýyşlary, giň umumydiplomatik gözýetimi, ýokary hünär derejesi, häzirki zamanyň esasy meseleleri boýunça ekspertleriň derejesindäki bilimleri, anyk raýatlyk garaýyşlary, ýokary seljeriş we çaklaýyş, islendik iri halkara meseläniň ykdysady bölegini görmek we oňa düşünmek başarnygy bolmagydyr. Elbetde, geljekki diplomatlar täze maglumat tehnologiýalarynyň ähli artykmaçlyklaryny hem bilmelidirler we habar üpjünçiliginiň serişdeleri bilen ýeterlik derejede işläp bilmek ukybyny edinmelidirler. Onsuz diplomatik işini, şol sanda daşary syýasy habar işini üstünlikli alyp barmak mümkin däldir.

Diplomatlar şeýle hem ene dilini, daşary ýurt dilleriniň azyndan ikisini (dilden we ýazmaça) gowy bilmelidirler. Umuman, olar islendik meseläni Türkmenistanyň döwlet bähbitleriniň nukdaýnazaryndan seljerip bilmegi başarmalydyrlar.



*Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Doktor A.Rahmanow geljekki türkmen diplomatlaryna leksiýa berýär. TDIM-niň HGI, 2008 ý.*

Geljekki diplomatlar nazaryýetde alan bilimlerini tejribede, iş ýüzünde işjeň ulanmalydyrlar, olary özlerinde ösdürmelidirler, onsuz olaryň akyl-paýhasy baýlaşmaz. Şu ýerde tebigatyň käbir adamlara ol ýa-da başga ugur boýunça eçilýän zehininiň hem olardan gündelik agyr zähmeti talap edýändigi ýatdan çykarylmaly däldir.

Diplomatiýa — bu ylalaşyp bilmegiň, bilelikde umumy çözgütleri tapmagyň sungatydyr. Şonuň üçin hem geljekki türkmen diplomatlary aragatnaşykçy bolmalydyrlar, ynandyrmagy, ylalaşyp bilmegi başarmalydyrlar, öz kärdeşleri bilen kararlary tapmaga ukyply bolmalydyrlar, munuň üçin bolsa olaryň ilkinji nobatda, diplomatiýanyň tärlerini, usullaryny we serişdelerini gowy özleşdirmekleri gerekdir. Diplomatiýada üstünlik — munuň özi hyzmatdaşlaryň ylalaşygydyr.

Türkmen diplomatlary öz işine hemişe Watana, borjuňa hyzmat etmek, şol hyzmata öz ähli güýjüňi, tejribäňi we bilimiňi bagyş etmek ýaly ýokary ahlak ýörelgelerinden seretmelidir, sebäbi olar üçin ýurdumyzyň milli-döwlet bähbitlerini goramakdan, üpjün etmekden başga möhüm wezipe ýokdur.

Şu jähetden, diplomat ozaly bilen, öz halkynyň milli bähbitleriniň nämedegine gowy düşünmelidir we başgalaryň bähbitlerine zeper ýetirmezden, şol bähbitleri goramagy başarmalydyr. Diplomatiýanyň sungaty öz ýurduň milli bähbitlerini başgalaryň, aýratyn hem goňşularyň kanuny bähbitleri bilen utgaşdyrmagy başarmakdyr.

Beýik akyldarymyz we söz ussadymyz Magtymguly Pyragy «Akyl kesmez, dür ýasalmaz ussatsyz» diýip ýazýar. Şu jähetden, geljekki ýaş diplomatlarymyzyň öz käriniň ussatlary bolan diplomatlaryň tejribelerini özlerine döredijilikli geçirmekleri örän möhümdir.

Sözümiň soňunda jemgyýetde şahsyýetiň rolunyň, halkymyzyň anyk şahslara bolan hormatynyň şol şahsyýetiň ak ýürekliligi, arassalygy, onuň öz wagtynda halkymyzyň bähbitleri bilen bagly nähili iş edip bilendigi, onuň biziň geljekki nesillerimize galdyran mirasy bilen kesgitlenilmeginiň möhüm bolup durýandygyny ýene-de bir gezek nygtap geçmekçi. Şu jähetden, özümi diplomat hasap edýän her bir adamyň hereketleriniň hem hut şu nukdaýnazardan, hut şu ölçeg bilen ölçenilmeginiň möhümligi hem düşnüklidir. Beýleki tarapdan, türkmen diplomatiýasynyň esasy wezipesi halkyň bähbididir. Şonuň üçin hem onuň özüni halka düşündirmegi, öz işini halkyň isleglerine we umyt -arzuwlaryna laýyklykda meýilleşdirmegi, öz hereketleri üçin halkyň öňünde hasabat bermegi gerekdir. Hukuk döwletinde munuň özi diplomatiýa üçin hökmany kadadyr we şeýle bolmagynda hem galmalydyr.

***Amangeldi RAHMANOW,***
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary institutynyň
Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa
kafedrasynyň müdiri,
Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly
ygtyýarly ilçisi,
Türkmenistanyň ussat diplomaty,
professor, taryh ylymlarynyň doktory,
filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.

## НОВОСТИ ДИПМИССИЙ

**24** июня в Посольстве Народной Республики Бангладеш в Исламабаде состоялась встреча Посла Туркменистана А. Мовламова с Послом Бангладеш Икбал Хусайн Ханом. В ходе встречи туркменская сторона передала официальное приглашение от



имени Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова адресованное Президенту Бангладеш М.Шахабуддину для участия в Третьей конференции ООН по развивающимся странам, не имеющим выхода к морю (LLDC3).

**27** июня в Туркменистане торжественно проходят мероприятия, приуроченные ко Дню работников культуры и искусства, а также поэзии Махтумкули Фраги.



В этой связи, в Киеве Посольство Туркменистана в Украине организовало церемонию возложения цветов у памятника Махтумкули Фраги.

В рамках мероприятия были прочитаны стихотворения Махтумкули Фраги на туркменском и украинском языках.

**27** Посольством Туркменистана в Турецкой Республике была организована церемония возложения цветов к памятнику великого туркменского поэта Махтумкули Фраги, установленному в живописном парке «Туркменистан» в центре Анкары.

В мероприятии приняли участие представили международных организаций, дипломатических представительств, известные литераторы, общественные деятели, представители туркменской диаспоры, СМИ, а также туркменские студенты, обучающиеся в Анкаре.

**29** июня состоялась встреча Посла Туркменистана в Государстве Катар М.Сейитмамедова с главой Департамента по делам Азии Министерства иностранных дел Катара госпожой Аль Джоухарой Юсеф Фахро.

В ходе встречи Посол Туркменистана отметил значимость объявления 2025 года «Международным годом мира и доверия» в нашей стране, а также международных мероприятий, организованных в честь 30-летия постоянного нейтралитета нашей любимой страны.

26 июня в Центре восточной литературы Российской государственной библиотеки при содействии и участии представителей Посольства Туркменистана в Российской Федерации состоялась лекция на тему «Туркменистан сквозь призму языка».

# AMALYÝETDEN NAZARYÝETE

Tejribe — geljekki halkaraçy hünärmenleriň durmuşynda ähmiýetli orun eýeleýär. Ol diplomatik ulgamda has-da möhüm.

Däp bolşy ýaly, her okuw ýylynyň ikinji ýarymynda özara kabul edilen ylalaşyk («Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň önümçilik-hünär öwreniş tejribeligi hakyndaky» Düzgünnama) esasynda talyplar önümçilik tejribeligini geçmäge ýurdumyzyň dürli edara-kärhanalaryna ugradylýar. Okuw döwrüniň aýrylmaz bölegi bolan bu gyzgalaňly möwsüm talyplar üçin hünär endiklerini ele almaklykda ilkinji esasy ädimleriň biri bolup durýar. Talyp ýaşlar bu döwürde tejribe we nazaryýet bilimlerini umumylaşdyrmak bilen çäklenmän, geljekki käriniň wezipe borçlary bilen hem iş ýerinde ýakyndan tanyşýarlar. Mundan başga-da, tanyşlyk, okuw we önümçilik tejribeliklerinde talyplar gerekli maglumat gorlaryny edinmek bilen bir hatarda ylmyň gazananlarynyň ýola goýluşyny amaly taýdan içgin öwrenýärler. Tejribelikde esasy göz öňüne tutulan maksatlaryň biri-de, ýaş hünärmeniň özbaşdak oýlanyşykly zähmet çekmäge bolan ukybyny çuňlaşdyrmakdyr.



Okuw ýylynyň dowamynda we ahyrynda geçirilýän bu tejribelikler biziň kitap sahypalaryndan öwrenenlerimizi özleşdirmäge, ussat halypalaryň göreldesinden özümize nusga edinmäge gerekli mümkinçilikdir.

Kämil nesli kemala getirmek, ýokary derejeli halkaraçy hünärmenleri taýýarlap ýetişdirmek we önümçilikde işläp ýören hünärmenleriň hünär derejelerini döwrebap ösdürmek milli bilim ulgamynda esasy meseleleriň biri bolup durýar. Häzirki döwrüň ösen talaplaryna laýyk gelýän hünärmenleri taýýarlamak ugrunda biziň institutymyzda – türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde hem köpsanly işler alnyp barylýar.

> Dürli taraply nazaryýet bilimlerinden başga-da diplomatiýa iş uly tejribäni, ýörite endikler, uzak döwrüň tejribesiniň netijesinde edinilýän ýokary hünär taýýarlygyny talap edýär.
>
> **Amangeldi Rahmanow**

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň 1–4-nji ýyl talyplary tejribeliginiň meýilnamasyna görä ýurdumyzyň dürli edara-kärhanalarynda, institutyň binýadynda hereket edýän «Ýaş diplomatyň sesi» gazetinde, okuw studiýasynda tomusky tanyşlyk we önümçilik tejribeligini geçýärler. Tejribelik döwründe talyplar öz saýlap alan hünärleriniň inçe syrlaryny iş ýüzünde amal etmek arkaly içgin öwrenýärler. Bu bolsa talyplaryň — geljekki halkaraçy hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmaga, nazary bilimlerini çuňlaşdyryp, amaly endiklerini kämilleşdirmäge ýakyndan ýardam edýär.

Talyplaryň tejribeligi geçişlerine her kafedra boýunça degişli ugurdan okadýan halypa mugallymlar tarapyndan yzygiderli gözegçilik edilýär we bahalandyrylan hasabat kabul edilýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda ösüp gelýän ýaş nesilleriň bagtyýar durmuşda ýaşamagy, ylymly-bilimli, giň düşünjeli, sagdyn bolup ýetişmegi üçin möhüm şertler döredilýär. Hormatly Prezidentimiziň goldaw-hemaýaty, döredip berýän giň şertleri institutymyzyň talyplaryny täze üstünliklere, has uly ýeňişlere ruhlandyrýar. Talyp ýaşlaryň Hak howandary Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, umumadamzat ähmiýetli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Aýşirin DÖWLETOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.

# TÄZE IŞ TOPARYNA NÄDIP ÖWRENIŞMELI ?

Golaýda türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň uçurymlarynyň nobatdaky tapgyry ýurdumyzyň dürli ministrliklerine, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryna hem-de edara-kärhanalaryna işe ugradyldy. «Ýaş diplomatyň sesi» gazetiniň döredijilik topary hem uçurymlarymyza peýdaly bolar diýen niýet bilen, täze iş toparyna öwrenişmek baradaky maslahatlary taýýarlady.

Täze işe durlanda ilkinji günüň hemişe tolgundyryjy pursatlarda geçýär. Täze adamlar, heniz öwrenişmedik gurşawyň, birgiden täzelikler — bularyň ählisi birbada girişip gider ýaly ýagdaýam däl.

Ine, köplerde ýüze çykýan şeýle aljyraňňylyga salýan ýagdaýlardan baş alyp çykmak, täze iş toparyňa tiz we ýeňil öwrenişmäge ýardam etjek birnäçe maslahatlar hökmünde şulary bellemek bolar:

***Aragatnaşyk.*** Täze toparda işe başlanyňyzda ilkinji günlerden açyk we dogruçyl aragatnaşyk gurmak möhümdir. Öz başlangyçlaryňyzy görkeziň: kärdeşleriň işleýän wagtyna, garaşýan zatlaryna we toparyň dinamikasyna anyk düşünmek üçin özüňizi gyzyklandyrýan käbir soraglary beriň. Bu siziň ygrarlylygyňyzy, goşulyşmaga taýýardygyňyzy hem-de toparyň özboluşly agzasy bolmak isleýändigiňizi görkezer.



***Kömek goluny uzadyň.*** Bir topara täze gelen adam üçin iň möhüm maslahatlaryň biri başgalara kömek etmekdir. Kömek bermek bilen, netijeli toparlaýyn işleşmegiň açary bolan özara kömek we goldaw gurşawyny döredýärsiňiz.

***Pozitiw ýagdaýda bolmak*** — diňe bir sypaýçylyk däl, eýsem, täze toparda netijeli işlemegiň hem möhüm aýratynlygy. Optimizmi we özüňize bolan ynamyňyzy görkezmek bilen, diňe bir kärdeşleriňiz bilen has ýygjam gatnaşygy gurmak bilen çäklenmän, eýsem, sazlaşykly iş gurşawyny döredýärsiňiz.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## На заметку

ТЕОРИЯ БЕЗ ПРАКТИКИ МЕРТВА, ПРАКТИКА БЕЗ ТЕОРИИ СЛЕПА.
А.В.СУВОРОВ

В ТЕОРИИ НЕТ РАЗНИЦЫ МЕЖДУ ТЕОРИЕЙ И ПРАКТИКОЙ. А НА ПРАКТИКЕ ЕСТЬ.
ЙОГИ БЕРРА

МАСТЕРСТВО ПРИХОДИТ ТОЛЬКО С ПРАКТИКОЙ И НЕ МОЖЕТ ПОЯВИТЬСЯ ЛИШЬ В ХОДЕ ЧТЕНИЯ ИНСТРУКЦИЙ.
НАПОЛЕОН ХИЛЛ

СПОСОБНОСТЬ ДУМАТЬ, ПОДОБНО ИГРЕ НА СКРИПКЕ ИЛИ РОЯЛЕ, ТРЕБУЕТ ЕЖЕДНЕВНОЙ ПРАКТИКИ.
ЧАРЛЬЗ ЧАПЛИН

27 июня в Ашхабаде прошли переговоры заместителя министра иностранных дел Туркменистана Мяхри Бяшимовой с делегацией UK Export Finance (UKEF) во главе с региональным руководителем по Турции, Восточной Европе и Центральной Азии Шебнем Алп.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Baş redaktor
Täzegül AÝAZOWA

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: A.Kaşaňow.
Jogapkär kätibiň orunbasary: O.Çaryýarowa.
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.
Korrektorlar: A.Döwletowa, B.Baýhanow.

Redaksion geňeşiň agzalary: B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.
E-mail: hgi.redaksiya@gmail.com